# Gojanyñ aýdany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gojanyñ aýdany GOJANYŇ AÝDANY

«Altmyşda ýagşydym» diýdim,
«Ýetmişde agsadym» diýdim.
«Segsende lagşadym» diýdim,
«Togsanda çagşadym» diýdim.

- **ADAM**

Adamyň uly ýalňyşy –
Biri-birini aýamaýar.
Darkaşa girende weli,
Pir pirini tanamaýar.

- **GARRAMA ENTEK…**

Garap galdym yzyňdan,
Görmedim sen dek.
Ser-sepil men ýoluňda,
Barmydyr men dek?!

Gülüm, saňa ten bermedik.
Goý, bolsun tentek.
Didaryndan doýmadym.
Garrama entek…

21.04.2014. Goşgular